# Dag we deñiz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Dag we deñiz DAG WE DEÑIZ

Agşam…
Deñiz boýy…
Asuda asman…
O ýerde,
Daglarda niçik bu agşam.
Bilýärin, meñ söýýän belent daglarma
Bakýansyñ mensiz.
Gör, menem señ söýýän mawy deñziñe
Bakýaryn sensiz.

Pikirlerden mydam
Kelle doly dur.
Olar señ ýanyña galýar, dyzaýar.
Ol ýerdäki çaýlar
Deñiz ýalydyr,
Bu ýerde
Tolkunlar
Dag meñzeýär.

Köñül señ ýanyñda…
Gaýdanok heniz…
Köp zat añýar
Daglañ gümmürdisinden.
Diýme sen: «Daglardan
Daşdadyr deñiz».
Deñiz başlanýandyr
Dag gaýasyndan.

Gaýañ dagy eredikçe,
Gül meñiz,
Deñiz tolkunlary
Joşýar, bilginiñ.

Eger sen dag bolsañ,
Menem bir deñiz,
Gözbaşym,
Gaýañdan başlanýar seniñ.

Nabi HAZRY,
azerbaýjan şahyry.

Terjime eden: Italmaz NURYÝEW. Goşgular